# Eziz maña

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Eziz maña ŞÄHRIBOSSAN

«EZIZ MAŇA»

Eý gül watan almalaryň, narlaryň eziz maňa
Meň söýgüm müň ömre ýeter, barlaryň eziz maňa.

Ulus-ile aman-esen ýaz gelende ajaýyp,
Sähra üste seýkin basan, hüýrleriň eziz maňa.

”Ber Hak” diýen bir özüne, nalyş edip säherler,
”Bir Hak“ diýen takwalaryň, pirleriň eziz maňa.

Haýranda başy ýaýkasam, çykyp belent daglyga,
Düşüp bagrymy oýkasam, garlaryň eziz maňa.

Bu topragy jandan söýen, başyn goýjak üstünde,
”Men-men” diýen söwer dosty-ýarlarym eziz maňa.

Seň goýnuňda beýnim bekäp, dünýä akyl ýetirdim,
Ata mekan eýwanlaryň, törleriň eziz maňa.

Bahar gelse, mahmal geýen, bu owadan dünýäniň,
Waspyň ýaýan dutarlaryň, tarlaryň eziz maňa.

Üstünden geçdi nije jan, nijesi bagş etdi jan,
Beg Görogly hem Oguz han, ärleriň eziz maňa. Goşgular